***4-nji iýulda sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde hormatly Prezidentimiz şu ýylyň 4 — 8-nji awgusty aralygynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatyny geçirmek hakynda Karara gol çekip, bu iri forumyň ýokary guramaçylyk derejesini üpjün etmek barada tabşyryklary berdi.***

Hormatly Prezidentimiziň şu ýylyň maýynda Balkan welaýatyna iş saparynyň çäginde «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda bolup, Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň (LLDC-3) geçiriljek ýerinde alnyp barylýan işler bilen tanyşmagy, Ministrler Kabinetiniň şu meselä bagyşlanan giňişleýin göçme mejlisini geçirmegi iri foruma görülýän taýýarlygyň çäklerinde möhüm ähmiýete eýe boldy. Döwlet Baştutanymyz Hökümet mejlisinde maslahatyň hem-de onuň bilen bagly ugurdaş çäreleriň guramaçylyk meselesine iňňän jogapkärçilikli çemeleşilmelidigini aýtdy.

Soňky ýyllarda Türkmenistan dürli ugurlar boýunça giň möçberli forumlaryň geçirilýän ýerine öwrüldi. Olaryň guramaçylyk we taýýarlyk işleri örän ýokary derejede alnyp barylýar. Bu köpýyllyk tejribäniň netijesidir. Awazada 2022-nji ýylyň awgustynda-da Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň ulag ministrleriniň derejesindäki halkara maslahat üstünlikli geçirilipdi. «Hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny goldamak arkaly ösüşe ýardam bermek» atly mowzukda şu ýylyň 4 — 8-nji awgusty aralygynda geçirilmegi meýilleşdirilýän forum bolsa BMG-niň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler babatda her 10 ýyldan bir gezek guraýan maslahatlarynyň üçünjisidir. Häzirki wagtda ýurdumyzyň ministrlikleri we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan oňa ýokary derejede taýýarlyk görülýär. Ýokary okuw mekdepleriniň daşary ýurt dillerini bilýän talyplaryndan meýletinçiler taýýarlanylýar. Forum birnäçe möhüm çäreleri öz içine alar. Maslahata Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň hem gatnaşmagyna garaşylýar. Munuň özi bilelikdäki tagallalary talap edýän ugurlar boýunça ýurdumyzyň başlangyçlaryna uly hormat bilen garalýandygyny görkezýär.

2030-njy ýyla çenli döwür üçin niýetlenen, 17 maksady hem-de 169 wezipäni özünde jemleýän BMG-niň Durnukly ösüş maksatlary garyplygy aradan aýyrmaga, ekologiýany gorap saklamaga, deňligi we abadançylygy üpjün etmäge gönükdirilendir. Bu maksatlary ýurdumyzyň şertlerine uýgunlaşdyrmak hem-de döwlet syýasatyna goşmak işleri 2016-njy ýylda başlandy. Hazaryň türkmen kenarynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatyny geçirmek bilen, ýurdumyz Durnukly ösüş maksatlaryny mundan beýläk-de ilerletmäge taýýardygyny nobatdaky gezek görkezer.

**Jennet ATAÝEWA,**

Все права защищены

save pdf date >>> 26.01.2026

**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.**

Все права защищены
save pdf date >>> 26.01.2026